# Alona Kimhi

Category: Goşgular,Hekaýalar,Kitapcy,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 22 января, 2025
Alona Kimhi

ALONA KIMHI

Alona Kimhi, ysraýylly belli ýewreý ýazyjysy we aktrisa.
Ol 1966-njy ýylda Ukrainanyñ Lýuwow şäherinde dogulýar. 1972-nji ýylda onuñ maşgalasy Ysraýyla göçýär.
Alona Kimhi "Biet Zvi Academy" sungat akademiýasynyñ sahna sungaty ugrundan okaýar. Okuwy tamamlandan soñra teatrda we kinofilmlerde oýnaýar.
1993-nji ýylda pýessalar, goşgular ýazyp başlaýar. 1996-njy ýyldan bäri bir hekaýalar kitaby, çagalar üçin bir kitaby we iki romany neşir edildi.
Alona Kimhi "Men Anastasiýa" kitaby üçin "ACUM" ýylyñ kitap baýragyna (1996), ilkinji kitaby "Aglama Susanna" ("Weeping Susannah") üçin Bernstein baýragyna (1999), Fransuz WIZO baýragyna (2001) we Premýer ministrligiñ baýragyna (2001) mynasyp boldy.
2004-nji ýylda Alona Kimhiniñ bir eserinden ýazylan senariýa esasynda düşürilen film Ysraýylyñ Akademiki sylagy bolan "Iñ oñat telewizion filmi" baýragyny aldy.
Edil häzirki wagtda üçünji romanynyñ üstünde işleýän Alona Kimhiniñ eserleri dünýäniñ on dört diline terjime edildi.

Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly